

*President of Turkmenistan*

## Serdar Berdimuhamedov:

– The airlines of our country are an important aspect of economic development and a means of greater cooperation with overseas countries. With the connection of national civil aviation to the wider world via air transportation, and the increased affiliation with foreign destinations, Turkmenistan continues to represent to the international community the peace policy of the country. This once again proves the very responsible and honourable work of Turkmenistan Airlines' employees. The government and people appreciate their noble work.

---

*Türkmenistanyň Prezidenti*

## Serdar Berdimuhamedow:

– Howa ulaglary pudagy ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde, daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy giňeltmekde möhüm hyzmatlary bitirýär. Milli raýat awiasiýamyzyň howa ulaglary hyzmatlarynyň dünýä bazaryna goşulmagy bilen, daşary ýurtlarda Garaşsyz Türkmenistan döwletine wekilçilik edip, halkara bileleşigini ýurdumyzyň parahatçylyk söýüji syýasaty bilen tanyşdyrmaga hem öz goşandyny goşýar. Bu bolsa, türkmen awiatorlarynyň işiniň örän jogapkärlidigine hem-de hormatlydygyna ýene bir gezek şaýatlyk edýär. Hökümetimiz we halkymyz olaryň alyp barýan asylly işlerine ýokary baha berýär.

---

*Президент Туркменистана*

## Сердар Бердымухамедов:

– Авиалинии нашей страны осуществляют важные задачи в развитии экономики страны, в расширении сотрудничества с зарубежными странами. В связи с присоединением национальной гражданской авиации к мировому рынку услуг воздушного транспорта и, представляя в зарубежных странах независимый Туркменистан, вносит свой вклад для представления международному сообществу миролюбивой политики нашей страны. Все это еще раз доказывает очень ответственную и почетную работу туркменских авиаторов. Правительство и народ высоко ценят их благородный труд.

# Contents








6 Review of meetings and visits of the President of Turkmenistan

10 Chronicle of trips and meetings of the National Leader of the Turkmen people

14 Magtymguly's Legacy: a Representative International Forum was held in Ashgabat

18 President of Turkmenistan took part in the 16 th BRICS Summit

20 The monument to the outstanding Kazakh poet and thinker was opened in Ashgabat

22 Arkadag city gains new international awards

24 International Transport and Transit Corridors: Interconnection and Development

28 Partnership for Enhanced Flight Safety

34 PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd: A Legacy of Partnership and Progress

40 Cellular communication from "Altyn Asyr": by way of innovation development

46 The Legend of the Anau Dragons

52 Following the traces of "Avatar": a trip to the space Nature Park of China

63 Akshardham Temple is a modern wonder of Delhi

70 Winter holidays in Italy

78 Souvenirs and gifts from Vietnam

90 The way upwards

104 Welcome to Turkmenistan Airlines inflight information

# Mazmuny


8 Türkmenistanyň Prezidentiniň duşuşyklaryna we saparlaryna syn

12 Türkmen halkynyň Milli Lideriniň iş saparlary we duşuşyklary

15 Magtymgulynyň mirasy: Aşgabatda halkara forumy geçirildi

19 Türkmenistanyň Prezidenti XVI BRICS sammitine gatnaşdy

21 Aşgabatda nusgawy gazak şahyrynyň we akyldarynyň ýadygärligi açyldy

23 Arkadag şäheriniň täze halkara baýraklary

25 Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş

29 Uçuşlaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak boýunça hyzmatdaşlyk

36 «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasy: Hyzmatdaşlygyň we ösüşiň mirasy

41 «Altyn Asyr» öýjükli aragatnaşygy: innowasiýa ösüş ýolunda

47 Änewiň aždarhalary hakynda rowaýat

55 «Awataryň» yzy bilen: Hytaýyň kosmiki tebigy seýilgähine syýahat

66 Akşardham ybadathanasy – Deliniň häzirki zaman täsinligi

73 Italiýada gyşky dynç alyş

80 Wýetnamyň ýadygärlik sowgatlary

92 Belentligiň ýoly

104 «Türkmenistan» awiakompaniýasynyň ýolagçylar üçin maglumat bölümine hoş geldiniz!










# Содержание











9 Обзор встреч и визитов Президента Туркменистана

13 Хроника поездок и встреч Национального Лидера туркменского народа

16 Наследие Махтумкули: в Ашхабаде прошел представительный Международный форум

19 Президент Туркменистана принял участие в XVI Саммите БРИКС

21 Памятник выдающемуся казахскому поэту и мыслителю открыли в Ашхабаде

23 У города Аркадаг – новые международные награды

26 Международные транспортно-транзитные коридоры: взаимосвязь и развитие

30 Партнерство для повышения безопасности полетов

37 «ПЕТРОНАС Чаригали (Туркменистан) Сдн Бхд»: Наследие партнерства и прогресса

42 Сотовая связь от «Алтын Асыр»: путем инновационного развития

48 Легенда о драконах Анау

57 По следам «Аватара»: путешествие в самый космический природный парк Китая

67 Храм Акшардхам – современное чудо Дели

75 Зимние каникулы в Италии

81 Сувениры и подарки из Вьетнама

93 Путь вверх

104 Добро пожаловать в раздел информации для пассажиров авиакомпании Туркменистана

Turkmenistan Inflight

# Lachyn




YOUR PERSONAL COPY • BU SIZIŇ ŞAHSY BUKLETIŇIZDIR • ВАШ ПЕРСОНАЛЬНЫЙ ЭКЗЕМПЛЯР

КОНТАКТЫ ПО ВОПРОСАМ РАЗМЕЩЕНИЯ РЕКЛАМЫ

Тел.: +(993 64) 306001 E-mail: turkmenistaninflight@gmail.com



# Review of meetings and visits of the President of Turkmenistan

On August 9, 2024, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov left for a working visit to the Republic of Kazakhstan, where he took part in the sixth Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia. On the same day, the Turkmen Leader met with President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev. The meeting was held with the participation of members of the delegations of two countries.

On September 1, with the participation of the President of Turkmenistan, Supreme Commander-in-Chief of the Armed Forces of the country, General of the Army Serdar Berdimuhamedov, the grand opening of a complex of new buildings of the Specialized Military School of the Ministry of Defense of Turkmenistan named after Berdimuhamet Annayev took place in Ashgabat. On the same day, with the participation of the Head of Turkmenistan, the opening ceremony of the building of the capital's hyakimlik complex took place.

On September 10, President Serdar Berdimuhamedov received Malaysian Minister of Foreign Affairs Dat Seri Uttam Haji Mohamad bin Haji Hassan.

On the same day, the President of Turkmenistan spoke on the digital system at the Investment Forum of Turkmenistan, as well as at the international conference on attracting high technologies and innovations to the national economy.

On September 17, 2024, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov left for a working visit to the Republic of Kazakhstan, where he took part in the second meeting of the Heads of State of Central Asia with German Federal Chancellor Olaf Scholz in Astana.

On September 19, President Serdar Berdimuhamedov received the head of the Islamic Development Bank (IDB), Muhammad Al Jasser.

On September 22, a telephone conversation took place between President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and President of the Russian Federation Vladimir Putin.

On September 24, Serdar Berdimuhamedov spoke at a meeting of the Halk Maslahaty of Turkmenistan.

On September 27, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov took part in the flower-laying ceremony at the Independence Monument, as well as in the celebrations on the occasion of Turkmenistan's Independence Day.

On the third day of October, President Serdar Berdimuhamedov received the Commissioner of the European Union for International Cooperation, Ms. Jutta Urpilainen.

On October 6, Turkmenistan marks a mournful date – the Day of Commemoration of the victims of the Ashgabat earthquake of 1948, as well as the heroes who fell on the battlefields of all wars. President of the country Serdar Berdimuhamedov took part in the mourning ceremony of laying flowers at the monuments of the Memorial complex "Halk hakydasy".



Two days later, on October 8, President Serdar Berdimuhamedov, who arrived in the Russian Federation on a working visit, took part in a meeting of the Council of Heads of States of the Commonwealth of Independent States held in Moscow.

On October 11, 2024, the International Conference "Interrelation of Times and Civilizations – the basis of peace and development" was launched in Ashgabat under the chairmanship of President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov. The forum was held as part of a large program to celebrate the 300th anniversary of the great Turkmen poet and philosopher Magtymguly Pyragy, which included many solemn events organized both in Turkmenistan and abroad. Serdar Berdimuhamedov made a speech at the representative International Forum.

On October 23, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov left for a working visit to the Republic of Tatarstan of the Russian Federation, where he took part in the XVI BRICS Summit. ●



# Türkmenistanyň Prezidentiniň duşuşyklaryna we saparlaryna syn

2024-nji ýylyň 9-njy awgustynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasyna iş saparyna bardy we Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy maslahatyna gatnaşdy. Şol gün döwlet Baştutanymyz Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew bilen duşuşdy. Duşuşyk iki tarapyň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirildi.

1-nji sentýabrda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Prezidenti, ýurduň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, goşun generaly Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň täze binalar toplumynyň açylyş dabarasy boldy. Şol gün döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň häkimliginiň toplumynyň binasynyň açylyş dabarasy boldy.

10-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň daşary işler ministri Dato Seri Utama Haji Mohamad bin Haji Hasany kabul etdi.

Şol gün Türkmenistanyň hormatly Prezidenti ýurdumyzyň Maýa goýum forumynda, şeýle hem milli ykdysadyýete ýokary tehnologiýalary we innowasiýalary çekmek baradaky halkara maslahatynda sanly ulgam boýunça çykyş etdi.

2024-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasyna iş saparyna ugrady we şol ýerde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Germaniýanyň Federal kansleri Olaf Şolts bilen Astanada geçirilen ikinji duşuşygyna gatnaşdy.

19-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Yslam ösüş bankynyň (YÖB) ýolbaşçysy Muhammad Al Jasseri kabul etdi.

22-nji sentýabrda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

24-nji sentýabrda döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde çykyş etdi.

27-nji sentýabrda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli geçirilen beýleki dabaralara gatnaşdy.

3-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Bileleşiginiň Halkara hyzmatdaşlygy boýunça komissary hanym Ýutta Urpilaýneni kabul etdi.

6-njy oktýabrda Türkmenistan pajygaly senäni – 1948-nji ýylda Aşgabatda bolan ýertitremesiniň pidalarynyň we ähli uruşlaryň söweş meýdanlarynda wepat bolanlaryň hatyra gününi belledi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Halk hakydasy» ýadygärlik toplumynyň ýadygärliklerine gül goýmak çäresine gatnaşdy.

Iki günden soň, 8-nji oktýabrda Russiýa Federasiýasyna iş sapary bilen baran hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň Moskwada geçirilen mejlisine gatnaşdy.

2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumy öz işine başlady. Forum beýik türkmen şahyry we filosofy Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanda we daşary ýurtlarda guralan köp sanly baýramçylyk çärelerini öz içine alýan uly maksatnamanyň çäginde geçirildi. Bu uly Halkara forumda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow çykyş etdi.

23-nji oktýabrda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparyna ugrady we bu ýerde geçirilýän XVI BRICS sammitine gatnaşdy.





# Обзор встреч и визитов Президента Туркменистана

9 августа 2024 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов отбыл с рабочим визитом в Республику Казахстан, где принял участие в шестой Консультативной встрече глав государств Центральной Азии. В этот же день туркменский лидер встретился с Президентом Республики Казахстан Касым-Жомартом Токаевым. Встреча прошла при участии членов делегаций двух стран.

1 сентября при участии Президента Туркменистана, Верховного Главнокомандующего Вооруженными Силами страны генерала армии Сердара Бердымухамедова в Ашхабаде состоялось торжественное открытие комплекса новых зданий Специализированной военной школы имени Бердымухамеда Аннаева Министерства обороны Туркменистана. В этот же день при участии главы Туркменистана состоялась церемония открытия здания комплекса столичного хякимлика.

10 сентября Президент Сердар Бердымухамедов принял министра иностранных дел Малайзии Дато Сери Утама Хаджи Мохамад бин Хаджи Хасана.

В тот же день Президент Туркменистана выступил по цифровой системе на Инвестиционном форуме Туркменистана, а также международной конференции по привлечению высоких технологий и инноваций в национальную экономику.

17 сентября 2024 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов отбыл с рабочим визитом в Республику Казахстан, где принял участие в проводимой в Астане второй встрече глав государств Центральной Азии с Федеральным канцлером Германии Олафом Шольцем.

19 сентября Президент Сердар Бердымухамедов принял руководителя Исламского банка развития (ИБР) Мухаммада Аль Джассера.

22 сентября состоялся телефонный разговор между Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым и Президентом Российской Федерации Владимиром Путиным.

24 сентября Сердар Бердымухамедов выступил на заседании Халк Маслахаты Туркменистана.

27 сентября Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял участие в церемонии возложения цветов к Монументу независимости, а также в торжествах по случаю Дня независимости Туркменистана.

В третий день октября Президент Сердар Бердымухамедов принял Комиссара Европейского Союза по международному сотрудничеству г-жу Ютту Урпилайнен.

6 октября в Туркменистане отмечается скорбная дата – День поминовения жертв Ашхабадского землетрясения 1948 года, а также героев, павших на полях сражений всех войн. В траурной церемонии возложения цветов к памятникам Мемориального комплекса «Halk hakydasy» принял участие Президент страны Сердар Бердымухамедов.

Через два дня, 8 октября Президент Сердар Бердымухамедов, прибывший с рабочим визитом в Российскую Федерацию, принял участие в заседании Совета глав государств Содружества Независимых Государств, состоявшемся в Москве.

11 октября 2024 года в Ашхабаде под председательством Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова стартовала Международная конференция «Взаимосвязь времен и цивилизаций – основа мира и развития». Форум проходил в рамках большой программы празднования 300-летнего юбилея великого туркменского поэта и философа Махтумкули Фраги, в которую вошло множество торжественных мероприятий, организованных как в Туркменистане, так и за рубежом. На представительном Международном форуме Сердар Бердымухамедов выступил с речью.

23 октября Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов отбыл с рабочим визитом в Республику Татарстан Российской Федерации, где принял участие в XVI Саммите БРИКС.

# Chronicle of trips and meetings of the National Leader of the Turkmen people





On August 3, 2024, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty, Honorary Elder Gurbanguly Berdimuhamedov flew around the city of Arkadag, during which he got acquainted with the projects of industrial facilities, the pace of work and locations of production complexes of the second stage.

On August 11, Gurbanguly Berdimuhamedov visited the Motor Sports Center of Turkmenistan, located in the northern part of Ashgabat.

On August 27, Gurbanguly Berdimuhamedov made a working trip to the city of Arkadag, where he inquired about the activities of the Gurbanguly Berdimuhamedov Charitable Foundation for Children in Need of Care, the progress of further development of the city, as well as the ongoing work to restore the health of the younger generation.

The next day, negotiations began in Tehran, the capital of the Islamic Republic of Iran, between the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Khalk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and Iranian President Masoud Pezeshkian. At the end of the negotiations, a ceremony of signing bilateral documents took place. On the same day, the National Leader of the Turkmen people met with the Supreme Spiritual Leader of the Islamic Republic of Iran, Ayatollah Seyed Ali Hosseini Khamenei.

On the seventh day of autumn, Gurbanguly Berdimuhammedov made a working trip to the city of Arkadag, where he held a working meeting with the participation of relevant managers and got acquainted with the projects of road transport infrastructure facilities.

The next day – September 8 – The National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Khalk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, at the invitation of President Kassym-Jomart Tokayev, left for the Republic of Kazakhstan on a working visit, where he took part in the official opening ceremony of the V-th World Nomad Games. On the same day, Gurbanguly Berdimuhamedov held a meeting with the President of the Republic of Kazakhstan.

On September 10, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov arrived on a working trip to Mary Velayat. The next day, he spoke at the opening ceremonies of laying of energy, transport, communication and logistics infrastructure facilities.

On September 15, 2024, the National Leader of the Turkmen people made another working trip to the city of Arkadag, where he got acquainted with the projects of the second stage of construction and held a meeting with the participation of the relevant leaders. Exactly a week later, another working trip to the new city took place, where Gurbanguly Berdimuhamedov, together with a number of leaders, discussed important issues of Arkadag's development and upcoming tasks.

On September 24, a regular meeting of the Halk Maslahaty of Turkmenistan was held at the Ashgabat Maslahat köşgi Palace under the chairmanship of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov.

On October 3, a meeting of the Presidium of the supreme representative body of the people's power of Turkmenistan was held under the chairmanship of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty. It was attended by members of the Presidium, the Chairman of the Mejlis, Deputy Chairmen of the Cabinet of Ministers, representatives of political parties and public associations, a number of departments and the mass media.

On October 7, the National Leader of the Turkmen people Gurbanguly Berdimuhammedov made a working trip to the city of Arkadag, where he got acquainted with the projects of buildings planned as part of the upcoming stage of the city's development.

On October 11, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Khalk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov met with President of the Russian Federation Vladimir Putin, who arrived in Ashgabat to participate in the International Forum "Interrelation of Times and Civilizations – the basis of peace and development."

On November 29, 2024, Gurbanguly Berdimuhamedov made a working visit to Hungary, where he took part in the 16th meeting of the Council of Elders of the OTS as a member of this structure, as well as an honorary guest at the invitation of Binali Yildirim, Chairman of the Council of Elders of the Organization of Turkic States.

On December 3, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Khalk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov made a working visit to the Kingdom of Saudi Arabia to participate in the «United Water» Summit, held within the framework of the 16-th Conference of the Parties to the United Nations Convention to Combat Desertification (COP-16).



# Türkmen halkynyň Milli Lideriniň iş saparlary we duşuşyklary



2024-nji ýylyň 3-nji awgustynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow dikuçarda Arkadag şäherine nobatdaky iş saparyny amala aşyrdy we onuň senagat desgalarynyň taslamalary hem-de ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işler, önümçilik toplumlarynyň ýerleşjek ýerleri bilen tanyşdy.

11-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabadyň demirgazygynda ýerleşýän Türkmenistanyň Sport ulag merkezine baryp gördi.

27-nji awgustda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Arkadag şäherine iş saparyna bardy we bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işi, şäheri mundan beýläk-de ösdürmegiň meseleleri, ösüp gelýän ýaş nesliň saglygyny dikeltmek bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýän işler bilen gyzyklandy.

Ertesi gün, Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tähranda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Eýranyň Prezidenti Masud Pezeşkianyň arasynda gepleşikler geçirildi. Gepleşikleriň ahyrynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy geçirildi. Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri Eýran Yslam Respublikasynyň Beýik ruhy Lideri Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýi bilen duşuşdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow güýzüň ýedinji gününde Arkadag şäherinde iş saparynda bolup, degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi hem-de ýol we ulag infrastrukturasy desgalarynyň taslamalary bilen tanyşdy.

Ertesi gün – 8-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň çakylygy boýunça Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasyna iş saparyna ugrady. Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşdy.

10-njy sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Mary welaýatyna iş saparyna ugrady. Ertesi güni energiýa, ulag, aragatnaşyk we logistika infrastrukturasynyň desgalarynyň açylyşynyň we düýbüniň tutulmagynyň dabaralarynda çykyş etdi.

2024-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri Arkadag şäherinde nobatdaky iş saparynda boldy we ony ösdürmegiň ikinji tapgyrynyň taslamalary bilen tanyşdy, soňra degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Şondan bir hepde geçensoň, bu şähere ýene-de bir iş saparyny amala aşyrdy we bu ýerde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy birnäçe ýolbaşçylar bilen bilelikde Arkadag şäheriniň ösüşiniň möhüm meselelerini we öňde duran wezipelerini ara alyp maslahatlaşdy.

24-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Aşgabat şäherindäki «Maslahat köşgünde» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

3-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Onuň işine Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary, Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, beýleki döwlet, häkimiýet we jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

7-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherinde iş saparynda boldy we şäheriň ösdürmegiň indiki tapgyrynyň çäginde meýilleşdirilen binalaryň taslamalary bilen tanyşdy.

11-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» Halkara forumyna gatnaşmak üçin Aşgabat şäherine gelen Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin, şeýle hem beýleki döwletleriň birnäçesiniň baştutanlary bilen duşuşdy.

2024-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Gurbanguly Berdimuhamedow Wengriýa iş saparyna gitdi. Ol bu ýerde Türki döwletleriň guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň başlygy Binaly Ýyldyrymyň çakylygy boýunça Aksakgallar geňeşiniň agzasy, şeýle hem hormatly myhman hökmünde Geňeşiň 16-njy mejlisine gatnaşdy.

3-nji dekabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 16-njy maslahatynyň (COP16) çäklerinde geçirilen «Bitewi suw» sammitine gatnaşmak maksady bilen, Saud Arabystany Patyşalygyna iş saparyny amala aşyrdy.

# Хроника поездок и встреч Национального Лидера туркменского народа

3 августа 2024 года Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты, Почетный старейшина Гурбангулы Бердымухамедов совершил облет города Аркадаг, в рамках которого ознакомился с проектами промышленных объектов, темпами работ и местами размещения производственных комплексов второй очереди.

11 августа Гурбангулы Бердымухамедов посетил Центр автомобильного спорта Туркменистана, расположенный в северной части Ашхабада.

27 августа Гурбангулы Бердымухамедов совершил рабочую поездку в город Аркадаг, где поинтересовался деятельностью Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова, ходом дальнейшего развития города, а также проводимой работой по восстановлению здоровья подрастающего поколения.

На следующий день в столице Исламской Республики Иран городе Тегеране начались переговоры между Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым и Президентом Ирана Масудом Пезешкианом. По завершении переговоров состоялась церемония подписания двусторонних документов. В этот же день Национальный Лидер туркменского народа встретился с Верховным духовным лидером Исламской Республики Иран Аятоллой Сейедом Али Хосейни Хаменеи.

В седьмой день осени Гурбангулы Бердымухамедов совершил рабочую поездку в город Аркадаг, где провел рабочее совещание с участием соответствующих руководителей и ознакомился с проектами объектов дорожно-транспортной инфраструктуры.

На следующий день – 8 сентября – Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов по приглашению Президента Касым-Жомарт Токаева отбыл с рабочим визитом в Республику Казахстан, где принял участие в официальной церемонии открытия V Всемирных игр кочевников. В этот же день Гурбангулы Бердымухамедов провел встречу с Президентом Республики Казахстан.

10 сентября Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов прибыл с рабочей поездкой в Марыйский велаят. На следующий день он выступил на церемониях открытия и закладки объектов энергетической, транспортно-коммуникационной и логистической инфраструктуры.

15 сентября 2024 года Национальный Лидер туркменского народа очередную рабочую поездку в город Аркадаг, где ознакомился с проектами сооружений второй очереди застройки и провел совещание с участием соответствующих руководителей. Ровно через неделю состоялась еще одна рабочая поездка в новый город, где Гурбангулы Бердымухамедов вместе с рядом руководителей обсудил важные вопросы развития Аркадага и предстоящие задачи.

24 сентября в ашхабадском Дворце «Maslahat köşgi» под председательством Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедова состоялось очередное заседание Халк Маслахаты Туркменистана.

3 октября под председательством Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты состоялось заседание Президиума высшего представительного органа народной власти Туркменистана. В нем приняли участие члены Президиума, Председатель Меджлиса, заместители Председателя Кабинета Министров, представители политических партий и общественных объединений, ряда ведомств и СМИ.

7 октября Национальный Лидер туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедов совершил рабочую поездку в город Аркадаг, где ознакомился с проектами зданий, запланированных в рамках предстоящего этапа застройки города.

11 октября Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов встретился с Президентом Российской Федерации Владимиром Путиным и главами других государств, прибывшими в Ашхабад для участия в Международном форуме «Взаимосвязь времен и цивилизаций – основа мира и развития».

29 ноября 2024 года Гурбангулы Бердымухамедов совершил рабочий визит в Венгрию, где принял участие в 16-м заседании Совета аксакалов ОТГ в качестве члена данной структуры, а также почетного гостя по приглашению председателя Совета аксакалов Организации тюркских государств Бинали Йылдырыма.

3 декабря Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов совершил рабочий визит в Королевство Саудовская Аравия для участия в саммите «Единая вода», прошедшем в рамках 16-й конференции сторон Конвенции Организации Объединенных Наций по борьбе с опустыниванием (COP-16).





# Magtymguly's Legacy: a Representative International Forum was held in Ashgabat

President of the Republic of Armenia Vahagn Khachaturian, President of the Islamic Republic of Iran Masoud Peseshkian, President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev, President of the Kyrgyz Republic Sadyr Zhaparov, President of Mongolia Ukhnaagiin Khurelsukh, President of the Islamic Republic of Pakistan Asif Ali Zardari, President of the Russian Federation Vladimir Putin, President of the Republic of Tajikistan Emomali Rahmon, President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev, Chairman of the Grand National Assembly of the Republic of Türkiýe, Chairman of the UNESCO General Conference, heads of international organizations, members of foreign governments, famous scientists, cultural figures and diplomats arrived in Turkmenistan to participate in the Forum.

The objectives of the forum were the popularization of the classical heritage of Magtymguly Pyragy, the study of the relationship between the languages and literatures of the peoples of the East, the poet's contribution to the treasury of global spiritual values. Addressing the participants of the forum in his speech, President Serdar Berdimuhamedov noted that the Turkmen people had been the creators of spiritual and cultural values throughout their many thousands of years of history. The valuable ideas of the titan of world literature and a prominent thinker of the Turkmen people, Magtymguly Pyragy, have forever entered the treasury of universal civilization, which explains the huge support from leading international organizations and members of the world community for large–scale studies of the poet's life and work.

President of the Islamic Republic of Iran Masoud Pezeshkian, who spoke at the forum, noted that the outstanding thinker and poet Magtymguly Pyragy raised his native language and Turkmen culture, and his work enriched world literature with new content. President of the Islamic Republic of Pakistan Asif Ali Zardari stressed that Magtymguly Pyragy was not only a poet, but also the embodiment of the love of the Turkmen people for the Motherland, he embodied in his works the cherished dream of the Turkmen people of a sovereign state. Russian Leader Vladimir Putin mentioned that the rich creative heritage of the great humanist, the founder of Turkmen poetry and literature was rightfully included in the golden fund of world culture.

In the speech of the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev, it was noted that the works of Magtymguly allowed not only to see the essence of the events of the past, but also to understand the problems of humanity at the present time, and the Head of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev said that the immortal works of Magtymguly harmoniously combined with universal values, praising peace and harmony, goodness and justice.

On October 11, 2024, the International Forum "The Interconnection of Times and Civilizations – the Basis of Peace and Development" was held in Ashgabat. The event was held as part of a large program to celebrate the 300th anniversary of the great Turkmen poet and philosopher Magtymguly Pyragy.

In his speech, President of the Republic of Tajikistan Emomali Rahmon mentioned that the unique legacy of Magtymguly made a significant contribution to the development of culture and literature of the peoples of Central Asia, his work was inextricably linked with the great heritage of Tajik-Persian literature. The Head of the Kyrgyz Republic Sadyr Zhaparov noted that through his works the great poet of the Turkmen people called for moral purity, patriotism, humanism and courage, his precepts had not lost their relevance at all, they were imbued with the wisdom that supported the continuity of generations, and Magtymguly's work embodied the interconnection of times and civilizations.

President of the Republic of Armenia Vahagn Khachatryan said that Magtymguly's made a tremendous contribution to the development of culture in the region, left an indelible mark in the literature of Turkmenistan, and President of Mongolia Ukhnaagiin Khurelsukh noted in his speech that the Turkmen poet and thinker laid the doctrine of sustainable development, which now forms the basis of life and development of all mankind.

Chairman of the Grand National Assembly of the Republic of Türkiye Numan Kurtulmus in his speech mentioned that Magtymguly's poems, as well as the ideas embedded in them, served as a beacon not only in his homeland, but also for all Turkic peoples who celebrated the 300th anniversary of the poet and thinker. Chinar Rustemova, Executive Secretary of the National Commission of Turkmenistan for the United Nations Educational, Scientific and Cultural Organization (UNESCO), noted that the current international forum in Ashgabat with the participation of Heads of friendly states and distinguished guests was a very significant event. It increased the poet's fame as an outstanding master of Oriental words and expanded the scope of events dedicated to him.

Summing up the results of the International Forum "Interconnection of Times and Civilizations – the Basis of Peace and Development", President Serdar Berdimuhamedov noted that the proposals put forward in speeches would give impetus to the further development of friendly and fraternal relations between peoples, strengthening peace, and expanding cooperation. The President of the country expressed firm confidence that this event would open a new page in the development of fruitful relations. Following the results of the plenary session, the Final Document was adopted. ●

# Magtymgulynyň mirasy: Aşgabatda halkara forumy geçirildi

**2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy — parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum geçirildi. Bu çäre beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan uly maksatnamanyň çäginde guraldy.**

Bu maslahata gatnaşmak üçin Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Mongoliýanyň Prezidenti Uknaagiýn Hurelsuh, Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardari, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy, ÝUNESKO-nyň Baş konferen-siýasynyň Başlygy, Halkara ✈



# Наследие Махтумкули: в Ашхабаде прошел представительный Международный форум

**11 октября 2024 года в Ашхабаде прошел Международный форум «Взаимосвязь времен и цивилизаций – основа мира и развития». Мероприятие состоялось в рамках большой программы празднования 300-летнего юбилея великого туркменского поэта и философа Махтумкули Фраги.**

Для участия в форуме в Туркменистан прибыли Президент Республики Армения Ваагн Хачатурян, Президент Исламской Республики Иран Масуд Пезешкиан, Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев, Президент Кыргызской Республики Садыр Жапаров, Президент Монголии Ухнаагийн Хурэлсух, Президент Исламской Республики Пакистан Асиф Али Зардари, Президент Российской Федерации Владимир Путин, Президент Республики Таджикистан Эмомали Рахмон, Президент Республики Узбекистан Шавкат Мирзиёев, Председатель Великого Национального Собрания Турецкой Республики, Председатель Генеральной конференции ЮНЕСКО, руководители международных организаций, члены правительств иностранных государств, известные ученые, деятели культуры и дипломаты.

Целями форума стали популяризация классического наследия Махтумкули Фраги, исследование взаимосвязи языков и литератур народов Востока, вклада поэта в сокровищницу общемировых духовных ценностей. Обращаясь в своей речи к участникам форума, Президент Сердар Бердымухамедов отметил, что туркмены – народ-созидатель духовных и культурных ценностей на протяжении всей своей многотысячелетней истории. Весьма ценные идеи титана мировой литературы и видного мыслителя туркменского народа – Махтумкули Фраги, навсегда вошли в сокровищницу общечеловеческой цивилизации, чем и объясняется огромная поддержка со стороны ведущих международных организаций и членов мирового сообщества масштабных исследований жизни и творчества поэта.

Выступивший на форуме Президент Исламской Республики Иран Масуд Пезешкиан отметил, что выдающийся мыслитель и поэт Махтумкули Фраги возвысил родной язык и туркменскую культуру, а его творчество обогатило мировую литературу новым содержанием. Президент Исламской Республики Пакистан Асиф Али Зардари сказал, что Махтумкули Фраги не только поэт, но и олицетворение любви туркменского народа к Родине, он воплотил в своих произведениях заветную мечту туркменского народа о суверенном государстве. Российский лидер Владимир Путин отметил, что богатейшее творческое наследие великого гуманиста, основоположника туркменской поэзии и литературы по праву входит в золотой фонд мировой культуры.

В выступлении Президента Республики Казахстан Касыма-Жомарта Токаева было отмечено, что произведения Махтумкули позволяют не только увидеть суть событий прошлого, но и понять проблемы человечества в настоящее время, а глава Республики Узбекистан Шавкат Мирзиёев сказал, что бессмертные произведения Махтумкули гармонично сочетаются с общечеловеческими ценностями, воспевая мир и согласие, добро и справедливость.

Президент Республики Таджикистан Эмомали Рахмон в своей речи упомянул о том, что уникальное наследие Махтумкули внесло весомую лепту в развитие культуры и литературы народов Центральной Азии, его творчество неразрывно связано с великим наследием таджикско-персидской литературы. Руководитель Кыргызской Республики Садыр Жапаров отметил, что через свои произведения великий поэт туркменского народа призывает к нравственной чистоте, патриотизму, гуманизму и мужеству, его заветы нисколько не утратили актуальность, пронизаны той мудростью, что поддерживает преемственность поколений, а творчество Махтумкули олицетворяет взаимосвязь времен и цивилизаций.

Президент Республики Армения Ваагн Хачатрян сказал, что Махтумкули внес колоссальный вклад в развитие культуры в регионе, оставил немеркнущий след в литературе Туркменистана, а Президент Монголии Ухнаагийн Хурэлсух в своей речи отметил, что туркменский поэт и мыслитель заложил учение об устойчивом развитии, которое ныне составляет основу жизни и развития всего человечества.

Председатель Великого национального собрания Турецкой Республики Нуман Куртулмуш в своем выступлении упомянул о том, что стихотворения Махтумкули, как и заложенные в них идеи, служат маяком не только на его Родине, но и для всех тюркских народов, которые отмечают 300-летие поэта и мыслителя. Ответственный секретарь Национальной комиссии Туркменистана по делам Организации Объединенных Наций по вопросам образования, науки и культуры (ЮНЕСКО) Чинар Рустемова отметила, что нынешний международный форум в Ашхабаде с участием глав дружественных государств и высоких гостей – весьма знаковое событие. Оно приумножило славу поэта как выдающегося мастера слова Востока и расширило масштабы посвященных ему мероприятий.

Подводя итоги Международного форума «Взаимосвязь времен и цивилизаций – основа мира и развития», Президент Сердар Бердымухамедов отметил, что выдвинутые в выступлениях предложения придадут импульс дальнейшему развитию дружественных и братских отношений между народами, укреплению мира, расширению сотрудничества. Президент страны выразил твердую уверенность, что данное мероприятие откроет новую страницу в развитии плодотворных отношений. По итогам пленарного заседания был принят Итоговый документ. ●






guramalarynyň ýolbaşçylary, daşary ýurt hökümetleriniň agzalary, tanymal alymlar, medeniýet işgärleri we diplomatlar Türkmenistana geldiler.

Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasyny giňden wagyz etmek, Gündogar halklarynyň dilleriniň we edebiýatlarynyň özara baglanyşygyny, beýik şahyryň milli döwletliligi ösdürmekde eýeleýän ornuny hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň genji-hazynasyna goşan goşandyny öwrenmek bu halkara maslahatynyň esasy maksadydyr. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz çykyşynda foruma gatnaşyjylara ýüzlenip, müňýyllyklaryň dowamynda türkmen halkynyň ruhy we medeni gymmatlyklarynyň döredijilerdigini belledi. Dünýä edebiýatynyň ägirdi we türkmen halkynyň görnükli akyldary Magtymguly Pyragynyň öçmez-ýitmez ideýalary adamzat siwilizasiýasynyň altyn hazynasyna hemişelik girdi. Muňa öňdebaryjy halkara guramalarynyň we dünýä jemgyýetçiliginiň agzalarynyň şahyryň durmuşyny we döredijiligini öwrenmäge berýän uly goldawy hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian forumda eden çykyşynda görnükli akyldar we şahyr Magtymguly Pyragynyň ene dilini we türkmen medeniýetini ýokarlandyrandygyny we şygyrlarynyň dünýä edebiýatyny täze many--mazmun bilen baýlaşdyrandygyny aýtdy. Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardari Magtymguly Pyragynyň diňe bir meşhur şahyr däl-de, türkmen halkynyň Watana bolan söýgüsiniň nusgasy bolandygyny hem ýörite nygtady. Russiýanyň Baştutany Wladimir Putin türkmen şygryýetiniň we edebiýatynyň düýbüni tutujy beýik gumanistiň baý döredijilik mirasynyň dünýä medeniýetine baky goşulandygyny aýratyn belledi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň çykyşynda Magtymgulynyň eserleriniň diňe geçmişdäki wakalaryň düýp manysyny görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, häzirki döwürde-de adamzadyň öňünde duran möhüm meselelere düşünmegiň ýollaryny görkezýändigi bellenildi. Özbegistan Respublikasynyň Baştutany Şawkat Mirziýoýew bolsa Magtymgulynyň öçmez-ýitmez eserleriniň parahatçylygy we ylalaşygy, ýagşylygy we adalaty wasp edip, ählumumy adamzat gymmatlyklaryna sazlaşykly utgaşandygyny aýtdy.

Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon öz çykyşynda Magtymgulynyň özboluşly mirasynyň Merkezi Aziýa halklarynyň medeniýetiniň we edebiýatynyň ösmegine möhüm goşant goşandygy, onuň döredijiliginiň täjik-pars edebiýaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydygy barada durup geçdi. Gyrgyz Respublikasynyň Baştutany Sadyr Žaparow türkmen halkynyň beýik şahyry öz eserlerinde ynsanlary ahlak arassalygyna, watançylyga, ynsanperwerlige we gaýduwsyzlyga, nesilleriň ata-babalaryň däp-dessurlaryny dowam etdirmäge çagyrandygyna foruma gatnaşyjylaryň ünsüni çekdi. Şonuň üçin hem Magtymgulynyň paýhasa ýugrulan şygryýeti häli-häzirem öz ähmiýetini ýitirmän gelýär hem-de döwürleriň, siwilizasiýalaryň arabaglanyşygyny gaýtadan janlandyrýar.

Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan Magtymgulynyň tutuş sebitde medeniýetiň ösmeginde möhüm orun eýeländigini, Türkmenistanyň edebiýatynda ýatdan çykmajak yz galdyrandygyny aýtdy. Mongoliýanyň Prezidenti Uknaagiýn Hurelsuh bolsa öz çykyşynda türkmen şahyrynyň we akyldarynyň häzirki wagtda bütin adamzadyň durmuşynyň özenini emele getirýän durnukly ösüş doktrinasyny esaslandyrandygyny nygtady.

Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Numan Kurtulmuş öz çykyşynda 300 ýyllygy bellenýän Magtymgulynyň goşgularynyň we eserleriniň düýbündäki esasy pikirleriň diňe bir öz Watanynda däl, eýsem, ähli türki halklar üçin ýolgörkeziji şamçyrag bolup hyzmat edýändigini aýtdy. Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň jogapkär sekretary Çynar Rüstemowa dostlukly döwletleriň baştutanlarynyň we görnükli myhmanlaryň gatnaşmagynda Aşgabatda geçirilen halkara forumyň örän möhüm waka bolandygyny belledi. Bu çäre şahyryň Gündogaryň beýik söz ussady hökmünde şöhratyny artdyrdy we bu çäräniň ähmiýetiniň gerimini has-da giňeltdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumyň netijelerini jemläp, maslahatdaky çykyşlarda öňe sürlen teklipleriň halklaryň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösmegine, parahatçylygy berkitmäge we hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly itergi berjekdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz bu forumyň netijeli, peýdaly gatnaşyklaryň ösmeginde täze sahypany açjakdygyna berk ynam bildirdi. Umumy mejlisden soň jemleýji resminama kabul edildi.

# President of Turkmenistan took part in the 16th BRICS Summit




On October 23, 2024, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov left for a working visit to the Republic of Tatarstan of the Russian Federation in order to participate in the 16th BRICS Summit. At Kazan airport, the Turkmen leader was warmly welcomed by the Head of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation, Rustam Minnikhanov, and other officials.

In the afternoon, the Head of Turkmenistan proceeded to the Kazan EXPO International Exhibition Center, where the heads of delegations and international organizations participating in the 16th BRICS Summit were warmly welcomed by President of the Russian Federation Vladimir Putin. Later, a reception was given in honor of the distinguished guests on behalf of the Head of the Russian Federation.

On the second day of his working visit to the Republic of Tatarstan of the Russian Federation, President Serdar Berdimuhamedov, as an honorary guest, took part in the BRICS Summit, held in Kazan for the first time in an expanded format.

Speaking at the BRICS Summit in the "BRICS Plus/Outreach" format, the Turkmen Leader said that Turkmenistan took an active part in the efforts of the international community aimed at achieving and affirming the principles of cooperation, mutual respect and consideration of interests in the world. President of Turkmenistan noted that the country used its neutral status to promote the peacekeeping agenda, ensure global and regional security, and establish a culture of equal dialogue, trust and predictability in interstate relations.

Turkmenistan's international strategy is based on the country's involvement in modern geo-economic trends, proactive participation in solving urgent problems of our time, achieving Sustainable Development Goals, overcoming crisis situations in the environmental and food sectors, creating and approving equal, fair and reliable ways of access for countries and peoples to energy sources, clean water and air. Our country also considers it important to give proper impetus to cooperation in the cultural, scientific, and educational spheres. Serdar Berdimuhamedov stressed that the expansion of knowledge about each other, the interpenetration of cultures, traditions, and original art was a beneficial process that united peoples on healthy, creative foundations.

Also, on October 24, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov met with the Head of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation Rustam Minnikhanov. During the meeting, an interested exchange of views took place on priority issues of the Turkmen-Tatarstan partnership.

On the same day, President Serdar Berdimuhamedov held a meeting with United Nations Secretary General Antonio Gutierrez on the sidelines of the 16th BRICS Summit in the BRICS "Plus/Outreach format" in Kazan. The Head of Turkmenistan and the Head of the United Nations expressed satisfaction with the opportunity to discuss in a personal conversation the current state and prospects for further development of the established constructive dialogue, built with the consideration of common goals and objectives of our time.

In addition, on October 24, members of the government delegation accompanying President Serdar Berdimuhamedov met with Turkmen students studying at higher educational institutions of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation.



# Türkmenistanyň Prezidenti XVI BRICS sammitine gatnaşdy

2024-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow XVI BRICS sammitine gatnaşmak üçin Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparyna ugrady. Kazanyň howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar.

Günüň ikinji ýarymynda hormatly Prezidentimiz «Kazan EXPO» halkara sergisiniň merkezine bardy. Şol ýerde XVI BRICS sammitine gatnaşýan wekiliýetleriň we halkara guramalarynyň ýolbaşçylaryny Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin mübärekledi. Soňra Russiýa Federasiýasynyň Baştutanynyň adyndan myhmanlaryň hormatyna nahar berildi.

Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparynyň ikinji gününde hormatly myhman hökmünde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Kazanda ilkinji gezek giňişleýin formatda geçirilen XVI BRICS sammitine gatnaşdy.

BRICS sammitinde «BRICS goşmak»/«autriç» formatynda çykyş eden döwlet Baştutanymyz halkara jemgyýetçiliginiň dünýädäki hyzmatdaşlyk, birek-birege hormat goýmak we özara bähbitleri göz öňünde tutmak ýörelgelerini ýola goýmaga we ykrar etmäge gönükdirilen tagallalaryna Türkmenistanyň işjeň gatnaşýandygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny parahatçylyk döredijilik gün tertibini ilerletmek, ählumumy we sebit howpsuzlygyny üpjün etmek, döwletara gatnaşyklarda deňhukukly dialog, ynanyşmak, açyklyk medeniýetini pugtalandyrmak üçin ulanýandygyny belledi.

Türkmenistanyň halkara strategiýasy häzirki döwrüň geoykdysady gatnaşyklaryna, häzirki zamanyň wajyp meselelerini çözmäge işjeň gatnaşmaga, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge, ekologiýa, azyk howpsuzlygy babatda çylşyrymly ýagdaýlary aradan aýyrmaga, ýurtlaryň we halklaryň energiýa çeşmelerine, arassa suwa, howa elýeterliliginiň deňhukukly, adalatly we ygtybarly ýollaryny döretmäge esaslanýar. Şunuň ýaly-da, biziň ýurdumyz medeniýet, ylym we bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlyga itergi bermegi möhüm hasaplaýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow birek-biregi has gowy tanamagy giňeltmegiň, medeniýetleriň, däp-dessurlaryň we milli sungatyň özara baglanyşygynyň halklary ygtybarly, döredijilikli esaslarda ýakynlaşdyrýan peýdaly hereketlerdigini belledi.

Şeýle hem 24-nji oktýabrda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda türkmen-tatarystan hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan meseleleri barada özara pikir alşyldy.

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «BRICS goşmak»/«autriç» formatynda Kazanda geçirilen XVI BRICS sammitiniň çäginde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen duşuşdy. Türkmenistanyň Baştutany we BMG-niň Baş sekretary ikiçäk söhbetdeşlikde häzirki döwrüň umumy maksatlaryny we wezipelerini göz öňünde tutýan netijeli gepleşikleriň mundan beýläkki ösüşini we geljegini ara alyp maslahatlaşmak mümkinçiligine kanagatlanma bildirýändiklerini aýtdylar.

Mundan başga-da, 24-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýanyndaky hökümet wekiliýetiniň agzalary Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň ýokary okuw jaýlarynda okaýan türkmen talyplary bilen duşuşdylar.

# Президент Туркменистана принял участие в XVI Саммите БРИКС

23 октября 2024 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов отбыл с рабочим визитом в Республику Татарстан Российской Федерации в целях участия в XVI Саммите БРИКС. В аэропорту Казани туркменского лидера сердечно приветствовали глава Республики Татарстан Российской Федерации Рустам Минниханов и другие официальные лица.

Во второй половине дня глава Туркменистана проследовал в Международный выставочный центр «Казань ЭКСПО», где руководителей делегаций и международных организаций, участвующих в XVI Саммите БРИКС, тепло приветствовал Президент Российской Федерации Владимир Путин. Позже в честь высоких гостей от имени главы РФ был дан прием.

Во второй день своего рабочего визита в Республику Татарстан Российской Федерации, Президент Сердар Бердымухамедов в качестве почетного гостя принял участие в проходящем в Казани XVI Саммите БРИКС, впервые проводимом в расширенном формате.

Выступая на Саммите БРИКС в формате «БРИКС плюс/аутрич», туркменский лидер сказал, что Туркменистан принимает активное участие в усилиях международного сообщества, направленных на достижение и утверждение в мире принципов сотрудничества, взаимного уважения и учета интересов. Страна использует свой нейтральный статус для продвижения миротворческой повестки, обеспечения глобальной и региональной безопасности, утверждения в межгосударственных отношениях культуры равноправного диалога, доверия и предсказуемости, отметил Президент Туркменистана.

Международная стратегия Туркменистана опирается на вовлеченность страны в современные геоэкономические тенденции, инициативное участие в решении актуальных проблем современности, выполнении Целей устойчивого развития, преодолении кризисных ситуаций на экологическом, продовольственном направлениях, создании и утверждении равноправных, справедливых и надежных путей доступа стран и народов к источникам энергии, чистой воде и воздуху. Наша страна также считает важным придание должных импульсов сотрудничеству в культурной, научной, образовательной сферах. Расширение знаний друг о друге, взаимопроникновение культур, традиций, самобытного искусства – это благотворный процесс, объединяющий народы на здоровых, созидательных основах, сказал Сердар Бердымухамедов.

Также, 24 октября Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов встретился с главой Республики Татарстан Российской Федерации Рустамом Миннихановым. В ходе встречи состоялся заинтересованный обмен мнениями по приоритетным вопросам туркмено-татарстанского партнерства.

В этот же день Президент Сердар Бердымухамедов на полях проходящего в Казани XVI Саммита БРИКС в формате «БРИКС плюс/аутрич» провел встречу с Генеральным секретарем Организации Объединенных Наций Антониу Гутеррришем. Глава Туркменистана и руководитель ООН выразили удовлетворение возможностью в личной беседе обсудить нынешнее состояние и перспективы дальнейшего развития налаженного конструктивного диалога, выстраиваемого с учетом общих целей и задач современности.

Кроме того, 24 октября члены правительственной делегации, сопровождающие Президента Сердара Бердымухамедова, встретились с туркменскими студентами, обучающимися в высших учебных заведениях Республики Татарстан Российской Федерации.




E

# The monument to the outstanding Kazakh poet and thinker was opened in Ashgabat

After the completion of the Days of Culture of the Republic of Kazakhstan on October 10, 2024, a monument to the outstanding Kazakh poet and thinker Abai Kunanbayev was unveiled in the capital of Turkmenistan.

The solemn ceremony was attended by President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev, who arrived in the country on an official visit, and the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov.

The monument to Abai Kunanbayev, erected in Ashgabat Lachyn Square, became another confirmation of a new level of relations between the two peoples – Turkmen and Kazakh, based on common cultural and spiritual values, a visible symbol of the inviolability of the bonds of friendship and brotherhood.

Addressing the participants of the ceremony, Gurbanguly Berdimuhamedov said that this year the 300th anniversary of the outstanding master of the word, famous philosopher and thinker of the Orient Magtymguly Pyragy was widely celebrated internationally, various events were organized in Turkmenistan and abroad. Congratulating all the participants of the celebration on this remarkable event, the National Leader of the Turkmen people stressed that the preservation of the heritage of outstanding personalities, creative figures who left an indelible mark on the history and culture of the two fraternal peoples, and the transfer of their works to future generations were important.

The great son of the fraternal Kazakh people, poet and thinker Abai Kunanbayev, being the founder of written literature in Kazakhstan, did a lot of work on the development of national culture and art. He played a significant role in the development of national literature, taking a worthy place among the classics of the East. Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov stressed that the works created by the great poet, philosopher and scientist, the wonderful music written by him were a source of great pride and inspiration for modern generations.

President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev said in his speech that the installation of the monument to Abai Kunanbayev, the great poet and thinker of the Kazakh people, in Ashgabat was a vivid manifestation of the special respect of the Turkmen brothers for the Kazakh people, and addressed words of sincere gratitude to Gurbanguly Berdimuhamedov and President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov for the support of this good initiative.

President Kassym-Jomart Tokayev noted that the opening of the monument to Abai in Ashgabat was an extremely important initiative aimed at further strengthening fraternal relations between our countries. The Kazakh Leader also recalled that this year a monument to the great Turkmen poet and thinker Magtymguly Pyragy was erected in Astana, whom Kazakhstanis treated with special warmth, and his work was common to all Turkic peoples.

The total height of the newly opened monument is more than 7 meters. The sculptor masterfully depicted the image of the Kazakh poet, and the territory adjacent to the monument was turned into a blooming garden.

Abai Kunanbayev left an indelible mark as a composer and the founder of modern national literature. His works reveal the worldview, customs and traditions, the spiritual world of the Kazakh people.

# Aşgabatda nusgawy gazak şahyrynyň we akyldarynyň ýadygärligi açyldy

2024-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Gazagystan Respublikasynyň Medeniýet günleri tamamlanandan soň, Türkmenistanyň paýtagtynda nusgawy gazak şahyry we akyldary Abaý Kunanbaýewiň ýadygärligi açyldy.

Resmi sapar bilen ýurdumyza gelen Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýadygärligiň dabaraly açylyşyna gatnaşdylar.

Aşgabadyň Laçyn seýilgähinde Abaý Kunanbaýewiň ýadygärliginiň dikeldilmegi türkmen we gazak halklarynyň arasyndaky umumy medeni we ruhy gymmatlyklara esaslanýan gatnaşyklaryň ýokary derejä galmagynyň, dost-doganlygyň mizemez jebisliginiň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

Dabara gatnaşyjylara ýüzlenip, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow şu ýyl görnükli söz ussady, Gündogaryň meşhur filosofy we akyldary Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň Türkmenistanda we daşary ýurtlarda halkara derejesinde giňden bellenip geçilýändigini aýtdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri bu ýadygärligiň açylyş dabarasyna gatnaşanlaryň hemmesini bu ajaýyp waka bilen gutlady. Ol iki doganlyk halkyň taryhynda we medeniýetinde ýatdan çykmajak yz galdyran parasatly şahsyýetleriň, döredijilik wekilleriniň baý mirasyny gorap saklamagy we olaryň eserlerini geljek nesillere ýetirmegi dowam etdirmegiň örän wajypdygyny nygtady.

Doganlyk gazak halkynyň şöhratly ogly, şahyry we akyldary Abaý Kunanbaýew Gazagystanda ýazuwly edebiýatyň düýbüni tutmak bilen, milli medeniýeti we sungaty ösdürmekde uly işler etdi. Milli edebiýatyň ösmegine saldamly goşant goşdy. Gündogaryň nusgawy şahyrlarynyň arasynda mynasyp orny eýeledi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow beýik gazak şahyrynyň, filosofynyň we alymynyň ýazan eserleriniň, döreden ajaýyp sazlarynyň häzirki nesiller üçin uly buýsanç hem-de ylham çeşmesidigini belledi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew çykyşynda Gazagystanyň beýik şahyry we akyldary Abaý Kunanbaýewiň Aşgabatda ýadygärliginiň dikeldilmeginiň türkmen halkynyň gazak doganlaryna aýratyn hormat goýýandygynyň aýdyň nusgasydygyny tekrarlady. Bu oňat başlangyjy goldandyklary üçin gazak halkynyň adyndan türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowa we Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň belleýşi ýaly, Aşgabatda Abaý Kunanbaýewiň ýadygärliginiň açylmagy iki ýurduň arasyndaky doganlyk gatnaşyklary geljekde has-da berkitmäge gönükdirilen örän möhüm başlangyçdyr. Şeýle hem Gazagystanyň Lideri şu ýyl Astanada beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň açylandygyny, gazagystanlylaryň oňa aýratyn hormat goýýandyklaryny we şygyrlarynyň ähli türki halklar üçin uly gymmatlykdygyny ýatlatdy.

Abaý Kunanbaýewiň ýadygärliginiň beýikligi 7 metrden gowrakdyr. Heýkeltaraş gazak şahyrynyň keşbini ussatlyk bilen ýerine ýetiripdir, ýadygärlige ýanaşyk meýdança bolsa bagy-bossanlyga öwrülipdir.

Abaý Kunanbaýew häzirki zaman milli edebiýatyny esaslandyryjy we kompozitor hökmünde ýatdan çykmajak yz galdyrdy. Onuň eserlerinde gazak halkynyň giň dünýägaraýşy, milli däp-dessurlary we ruhy dünýäsi açylyp görkezilýär.

# Памятник выдающемуся казахскому поэту и мыслителю открыли в Ашхабаде

После завершения Дней культуры Республики Казахстан 10 октября 2024 года в столице Туркменистана открыли памятник выдающемуся казахскому поэту и мыслителю Абаю Кунанбаеву.

На торжественной церемонии присутствовали Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев, прибывший в страну с официальным визитом, и Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедов.

Памятник Абаю Кунанбаеву, возведенный в ашхабадском сквере «Лачин», стал еще одним подтверждением нового уровня отношений между двумя народами – туркменским и казахским, основанных на общности культурных и духовных ценностей, зримым символом нерушимости уз дружбы и братства.

Обращаясь к участникам церемонии, Гурбангулы Бердымухамедов сказал, что в этом году на международном уровне широко отмечается 300-летие выдающегося мастера слова, известного философа и мыслителя Востока Махтумкули Фраги, в Туркменистане и за рубежом организуются различные мероприятия. Поздравив всех участников торжества с этим замечательным событием, Национальный Лидер туркменского народа подчеркнул, что сохранение наследия выдающихся личностей, творческих деятелей, оставивших неизгладимый след в истории и культуре двух братских народов, и передача их произведений будущим поколениям имеют важное значение.

Великий сын братского казахского народа – поэт и мыслитель Абай Кунанбаев, будучи в Казахстане основоположником письменной литературы, проделал большую работу по развитию национальной культуры и искусства. Он сыграл значимую роль в развитии национальной литературы, заняв достойное место среди классиков Востока. Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов подчеркнул, что созданные великим поэтом, философом и ученым произведения, написанная им замечательная музыка являются источником большой гордости и вдохновения для современных поколений.

Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев в своем выступлении сказал, что установка в Ашхабаде памятника Абаю Кунанбаеву, великому поэту и мыслителю казахского народа, является ярким проявлением особого уважения туркменских братьев к казахскому народу, и адресовал Гурбангулы Бердымухамедову и Президенту Туркменистана Сердару Бердымухамедову слова искренней благодарности за поддержку этого доброго начинания.

Открытие памятника Абаю в Ашхабаде – исключительно важная инициатива, направленная на дальнейшее укрепление братских отношений между нашими странами, отметил Президент Касым-Жомарт Токаев. Также казахстанский лидер напомнил, что в этом году в Астане был установлен памятник великому туркменскому поэту и мыслителю Махтумкули Фраги, к которому казахстанцы относятся с особой теплотой, а его творчество является общим для всех тюркских народов.

Общая высота открывшегося монумента – более 7 метров. Скульптор мастерски изобразил образ казахского поэта, а прилегающая к памятнику территория превращена в цветущий сад.

Абай Кунанбаев оставил неизгладимый след как композитор и основоположник современной национальной литературы. В его работах раскрываются мировоззрение, обычаи и традиции, духовный мир казахского народа.

# Arkadag city gains new international awards




On September 4, 2024 the South Korean city of Koyan hosted the International Exhibition of Smart Cities “World Smart City Expo 2024” where the Turkmen city of national importance Arkadag was awarded three awards.

The first Turkmen Smart City received the award for outstanding achievements in the field of "Smart city" (Smart City Excellence Award), which was awarded only to Arkadag city, as well as awards in the nominations "Foreign City Award" and "For a great contribution to the World Exhibition of Smart Cities" World Smart City Expo 2024" (WSCE 2024 Contribution Award).

In addition to the Republic of Korea and Turkmenistan, the People's Republic of China, Japan, Malaysia, the Kingdom of Thailand, the Socialist Republic of Vietnam, the Kingdom of Denmark, Finland and the State of Israel took part in the World Exhibition "2024 World Smart City Expo 2024". In total, 116 pavilions were presented at the exhibition, with the participation of representatives from more than 60 countries, including at the level of ministers and governors

The opportunities and features of the Arkadag smart city presented at the prestigious review demonstrated not only the national urban planning model, which embodied the advanced trends of world architecture and technical achievements, but also innovative ideas and solutions that are being implemented and gaining the support and appreciation of the world community.

# Arkadag şäheriniň täze halkara baýraklary

2024-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Koreýa Respublikasynyň Goýang şäherinde «World Smart City Expo 2024» atly Bütindünýä sergisi geçirildi we onda Türkmenistanyň döwlet ähmiýetli şäheri Arkadag üç baýraga mynasyp boldy.

Olaryň birinjisi, ýagny «akylly» şäher ulgamynda (Smart City Excellence Award) gazanylan üstünlikler üçin atly sylag diňe Arkadag şäherine gowşuryldy. Şeýle hem ikinji baýrak – Daşary ýurtlaryň «akylly» şäheri (Foreign city award) nominasiýasy boýunça, üçünjisi bolsa – Bütindünýä sergisine (WSCE 2024 Contribution Award) uly goşant goşandygy üçin bu şähere berildi.

«2024 World Smart City Expo 2024» atly Bütindünýä sergä Koreýa Respublikasyndan we Türkmenistandan başga-da, Hytaý Halk Respublikasy, Ýaponiýa, Malaýziýa, Taýland Patyşalygy, Wýetnam Sosialistik Respublikasy, Daniýa Patyşalygy, Finlýandiýa we Ysraýyl Döwleti gatnaşdy. Umuman, 60-dan gowrak ýurduň wekilleriniň, şol sanda ministrleriň we häkimleriň derejesinde gatnaşan sergisinde jemi 116 sany tanyşdyrylyş pawilýonlary açyldy.

Köp wekilleriň gatnaşmagynda guralan şol abraýly bäsleşikde Arkadag şäheriniň amatlyklary we aýratynlyklary diňe bir dünýä arhitekturasynyň we öňdebaryjy tehniki üstünlikleri özünde jemleýän şäher binagärliginiň milli nusgasy däl, eýsem, häzirki dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha berilýän we goldanylýan innowasiýa pikirleriniň we çözgütleriniň täze nusgasyny görkezdi.




# У города Аркадаг – новые международные награды

4 сентября 2024 года в Республике Корея городе Коян прошла Всемирная выставка умных городов «World Smart City Expo 2024», в ходе которой туркменский город государственного значения Аркадаг был удостоен трех наград.

Первый туркменский Smart City получил награду за выдающиеся достижения в области «умного города» (Smart City Excellence Award), которая присуждена только городу Аркадаг, а также награды в номинациях «Иностранный «умный город» (Foreign city award) и «За большой вклад во Всемирную выставку «умных городов» «World Smart City Expo 2024» (WSCE 2024 Contribution Award).

Во Всемирной выставке «2024 World Smart City Expo 2024», помимо Республики Корея и Туркменистана, приняли участие Китайская Народная Республика, Япония, Малайзия, Королевство Таиланд, Социалистическая Республика Вьетнам, Королевство Дания, Финляндия и Государство Израиль. В общей сложности на выставке было представлено 116 павильонов, с участием представителей более чем из 60 стран мира в том числе на уровне министров и губернаторов.

Представленные на престижном смотре возможности и особенности умного города Аркадаг продемонстрировали не только национальную модель градостроительства, воплотившую передовые тенденции мировой архитектуры и технические достижения, но и инновационные идеи и решения, претворяемые в жизнь и обретающие поддержку и высокую оценку мирового сообщества.




# International Transport and Transit Corridors: Interconnection and Development

On November 26, 2024, the International Conference and Exhibition "International Transport and Transit Corridors: Interconnection and Development – 2024" began its work.

The international forum, which is being held in the Chamber of Commerce and Industry, is attended by about 600 representatives from more than 40 countries. Among them are representatives of relevant public and private structures, international organisations such as the UN, OSCE, World Bank, as well as diplomatic missions accredited in Turkmenistan, and the media.

Among the guests are representatives of international logistics and forwarding companies – Fly Dubai, Cargo Lux, Lufthansa Consulting, the International Air Transport Association (IATA), the International Chamber of Shipping (ICS), the International Road Transport Union (IRU), the Organization for Cooperation between Railways (OSJD), the USAID Program in Central Asia, etc.

The forum is also attended by Deputy Chairmen of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan, heads and representatives of a number of ministries and industry departments.

The pavilion introducing the first "smart" city Arkadag, which has no analogues in the region, created on the initiative of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and thanks to the efforts of President Serdar Berdimuhamedov, aroused great interest among the participants of the exhibition. In our country, great importance is attached to the introduction of advanced technologies and experience in the transport and communications sector, increasing the range of digital services, and modernizing the communications infrastructure. The pavilions of the "Türkmenawtoulaglary", "Türkmendemirýollary", "Türkmendeňizderýaýollary", "Türkmenhowaýollary", "Türkmenaragatnaşyk" agencies widely reflect the achievements in this direction.

The large-scale work carried out in Turkmenistan to modernize the transport system indicates that concern for the safety and well-being of people is one of the priority areas of the policy implemented under the leadership of President Serdar Berdimuhamedov.

# Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş

2024-nji ýylyň 26-njy noýabrynda paýtagtymyzda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2024» atly halkara maslahat we sergi öz işine başlady.

Söwda-senagat edarasynda geçirilýän halkara foruma dünýäniň 40-dan gowrak ýurdundan 600-e golaý wekil gatnaşýar. Şolaryň hatarynda ugurdaş döwlet we hususy düzümleriň, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň, ÝHHG-niň, Bütindünýä bankynyň, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bar.

Şeýle-de myhmanlaryň arasynda «Fly Dubai», «Cargo Lux», «Lufthansa Consulting» ýaly halkara logistika we ekspeditorçylyk kompaniýalarynyň, Halkara howa ulaglary assosiasiýasynyň (IATA), Halkara gämiçilik edarasynyň (ICS), Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň (IRU), Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasynyň (OSJD) we beýlekileriň wekilleri bar. Şeýle hem foruma Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Ulaglaryň özara baglanyşygyny ýokarlandyrmak, strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek, durnukly, inklýuziw ulag ulgamlary boýunça netijeli çözgütleri işläp taýýarlamak, «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak, sanly geçiş, ekologik taýdan arassa logistikany goldamak we durnukly ulag barada jemgyýetçiligiň habarlylygyny artdyrmak bu iri halkara çäräniň esasy maksady bolup durýar.

Interaktiw sergide ulag-aragatnaşyk pudagynda gazanylanlar, netijeli we ekologik taýdan arassa logistika üçin çözgütler, döwrebap ulag ulgamlarynyň we enjamlarynyň ähli görnüşleri, ýük, ýolagçy daşamak boýunça hyzmatlar, dolandyryş ulgamlary, ulag we logistika üçin maglumat hem hyzmat ulgamlary görkezilýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda, hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen binýat bolan, sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäheri bilen tanyşdyrýan bölüm sergä gelenlerde uly gyzyklanma döretdi.

Ýurdumyzda ulag-kommunikasiýa pudagyna öňdebaryjy tehnologiýalary, häzirki zaman tejribesini ornaşdyrmak, sanly hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak, aragatnaşyk düzümlerini döwrebaplaşdyrmak işine möhüm ähmiýet berilýär. «Türkmenawtoulaglary», «Türkmendemirýollary», «Türkmendeňizderýaýollary», «Türkmenhowaýollary», «Türkmenaragatnaşyk» agentlikleriniň pawilýonlarynda bu ugurda gazanylýan üstünlikler giňişleýin beýan edilýär.

Ýurdumyzda howa gämileri yzygiderli satyn alynýar. Halkara howa menzilleriniň ulgamy giňeldilýär. Şolaryň hatarynda geçirijilik mümkinçiligi sagatda 1 müň 600 ýolagça deň bolan paýtagtymyzyň Halkara howa menzilini, Türkmenabat we Kerki şäherleriniň Halkara howa menzillerini görkezmek bolar. Halkara howa gatnawlarynyň işjeňleşdirilmegi üçinem zerur şertler döredilýär. Dürli ýurtlar bilen täze howa gatnawlary ýola goýulýar. Munuň özi milli awiasiýa pudagynyň döwletimiziň ykdysadyýetiniň pugtalanmagyna goşýan goşandyny artdyrýar.



# Международные транспортно-транзитные коридоры: взаимосвязь и развитие

26 ноября 2024 года начали работу Международная конференция и выставка «Международные транспортно-транзитные коридоры: взаимосвязь и развитие – 2024».

...В международном форуме, проходящем в Торгово-промышленной палате, приняли участие около 600 представителей из более чем 40 стран. В их числе представители профильных государственных и частных структур, международных организаций, таких как ООН, ОБСЕ, Всемирный банк, а также дипломатических миссий, аккредитованных в Туркменистане, СМИ.

Среди гостей и представители международных логистических и экспедиторских компаний – «Fly Dubai», «Cargo Lux», «Lufthansa Consulting», Международной ассоциации воздушных сообщений (IATA), Международной палаты судоходства (ICS), Международного союза автомобильного транспорта (IRU), Организации сотрудничества железных дорог (ОСЖД), Программы USAID в Центральной Азии и др.

В форуме также принимали участие заместители Председателя Кабинета Министров Туркменистана, руководители и представители ряда министерств и отраслевых ведомств.

Основная цель этого масштабного международного мероприятия – укрепление взаимосвязи транспорта, развитие стратегического партнёрства, разработка эффективных решений для устойчивых и инклюзивных транспортных систем, внедрение «зелёных» технологий, цифровая трансформация, поддержка



























экологически чистой логистики и повышение осведомлённости общественности об устойчивом транспорте.

На интерактивной выставке демонстрировались достижения в области транспортно-коммуникационной системы, эффективной и экологически чистой логистики, различные виды современных транспортных систем и оборудования, представлены грузовые и пассажирские услуги, системы управления, а также информационные и сервисные системы для транспорта и логистики.

Большой интерес у участников выставки вызвал павильон, знакомящий с первым «умным» городом Аркадаг, не имеющим аналогов в регионе, созданным по инициативе Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова и благодаря усилиям Президента Сердара Бердымухамедова.

В нашей стране большое значение придаётся внедрению в транспортно-коммуникационную сферу передовых технологий и опыта, увеличению спектра цифровых услуг, модернизации инфраструктуры связи. В павильонах агентств «Türkmenawtoulaglary», «Türkmendemirýollary», «Türkmendeňizderýaýollary», «Türkmenhowaýollary», «Türkmenaragatnaşyk» широко отражены достижения в этом направлении.

Следует отметить, что Туркменистан регулярно закупает авиалайнеры, расширяет сеть международных аэропортов. В их числе – столичный международный аэропорт пропускной способностью 1600 пассажиров в час, а также международные гавани в городах Туркменабат и Керки Лебапского велаята.

Наряду с этим в стране создаются необходимые условия для активизации международного воздушного сообщения, неуклонно растёт количество авиамаршрутов в разные страны. Всё это увеличивает вклад национальной авиакомпании в укрепление экономики Отчизны.

Масштабная работа, проводимая в Туркменистане по модернизации транспортной системы, свидетельствует о том, что забота о безопасности и благополучии людей является одним из приоритетных направлений политики, реализуемой под руководством Президента Сердара Бердымухамедова.




# Partnership for Enhanced Flight Safety

From July 8 to 12, 2024, the European Civil Aviation Conference (ECAC) organized a training course based on the "National Aviation Security Supervisor" program for the theoretical and methodological training of Turkmenistan airlines employees, as well as specialists from neighboring Central Asian countries – Kyrgyzstan and Kazakhstan. The training was conducted at the highest organizational level.

The seminar was held at the Turkmenistan Airlines Personnel Training School and was aimed at training aviation security specialists, developing cooperation in this field, and expanding training methods in accordance with international standards. Upon completion of the courses, training tests were conducted, and international-level certificates of the National Aviation Security Inspector (Supervisor) were issued to all those who successfully completed the seminar.

Cooperation with the European Civil Aviation Conference in the field of training aviation security specialists for civil aviation in Turkmenistan will continue.

From September 30 to October 18, 2024, as part of a program for training flight safety specialists organized jointly with the International Civil Aviation Organization (ICAO) at the Turkmenistan Airlines Personnel Training School, training courses were held for specialists from Turkmenistan, Kyrgyzstan, and Kazakhstan.

Upon completion of the courses, Turkmenistan Airlines specialists, as well as listeners from Kazakhstan and Kyrgyzstan, received corresponding certificates from the ICAO representative.

In the United Arab Emirates, Turkmenistan Airlines specialists, together with Flydubai (UAE) employees, successfully implemented a project aimed at training flight attendants. As part of the initiative, based on modern training methods, crew members acquired invaluable knowledge and skills that contribute to improving the level of safety and comfort during flights.

Flight attendants mastered modern methods of first aid (AFA) and learned to work effectively as a team, solving complex situations (CRM). This synergistic project became a vivid example of successful cooperation in the field of air transportation, emphasizing the desire of both companies for higher standards of quality and flight safety. Turkmenistan Airlines and Flydubai are jointly paving the way for even safer and more comfortable air travel, motivating both flight crews and passengers.



# Uçuşlaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak boýunça hyzmatdaşlyk

«Awiasiýa howpsuzlygy boýunça Milli gözegçi» okuw maksatnamasynyň esasynda 2024-nji ýylyň 8–12-nji iýuly aralygynda Raýat awiasiýasynyň Ýewropa konferensiýasy (ECAC) tarapyndan «Türkmenhowaýollary» agentliginiň, şeýle hem Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlary – Gyrgyzystanyň we Gazagystanyň hünärmenlerini nazaryýet we usulyýet taýdan taýýarlamak maksady bilen okuw sapaklary guraldy. Bu taýýarlyk dersleri ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi.

Okuwlar «Türkmenhowaýollary» gullugynyň howa ulaglarynyň hünärmenleriniň mekdebinde geçirildi we awiasiýa howpsuzlygy boýunça hünärmenleri taýýarlamak, bu ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmek we halkara ülňülerine laýyklykda okuw usullaryny giňeltmek maksadyna gönükdirildi. Dersleriň netijelerine esaslanyp, degişli synaglar kabul edildi we okuwlary üstünlikli tamamlan hünärmenleriň hemmesine awiasiýa howpsuzlygy boýunça Milli gözegçisiniň halkara derejeli sertifikatlary gowşuryldy.

Raýat awiasiýasynyň Ýewropa konferensiýasy bilen «Türkmenhowaýollary» agentliginiň arasynda awiasiýa howpsuzlygynyň hünärmenlerini taýýarlamak boýunça şeýle gatnaşyklar geljekde-de dowam etdiriler.

2024-nji ýylyň 30-njy sentýabryndan 18-nji oktýabryna çenli aralykda Halkara Raýat Awiasiýa Guramasy (ICAO) bilen bilelikde gurnalan «Uçuşlaryň howpsuzlygy boýunça Döwlet inspektory – hünärmenlere şahadatnama bermek» okuw maksatnamasynyň çäginde «Türkmenhowaýollary» gullugynyň okuw mekdebiniň binýadynda sapaklar okadyldy we oňa Türkmenistandan, Gyrgyzystandan we Gazagystandan gelen hünärmenler gatnaşdylar.

Okuw dersleri tamamlanandan soň, «Türkmenhowaýollary» gullugynyň hünärmenleri, şeýle hem Gazagystanyň we Gyrgyzystanyň wekilleri ICAO-nyň wekilinden degişli şahadatnamalary aldylar.

Birleşen Arap Emirliklerinde «Türkmenhowaýollary» gullugynyň hünärmenleri «Flydubai» (BAE) kompaniýasynyň işgärleri bilen bilelikde uçar ýolbeletlerini taýýarlamaga gönükdirilen taslamany üstünlikli durmuşa geçirdiler. Döwrebap okuw usullaryna esaslanýan başlangyjyň çäginde ekipažyň agzalary uçuş wagtynda howpsuzlygy we ýolagçylaryň rahatlygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýän bahasyna ýetip bolmajak bilimleri we endikleri öwrendiler.

Uçarlaryň ýolbeletleri ilkinji kömek bermegiň (AFA) häzirki zaman usullaryny özleşdirdiler we çylşyrymly ýagdaýlary (CRM) çözmekde topar bolup ýokary derejede peýdaly işlemegiň tärlerini öwrendiler. Bu sinergetiki taslama, iki kompaniýanyň howa gatnawy pudagynda hyzmatlaryň hiliniň we howpsuzlygynyň has ýokary ülňülerine çalyşýandyklaryny görkezýän üstünlikli hyzmatdaşlygynyň aýdyň mysaly boldy. «Türkmenhowaýollary» gullugy we «Flydubai» kompaniýasy uçarlaryň ekipažyny we ýolagçylary höweslendirip, bilelikde has ygtybarly we has amatly howa syýahatlaryna täze ýollary açýarlar.



TURKMENISTAN AIRLINES flydubai



# Партнерство для повышения безопасности полетов

На базе учебной программы «Национальный супервайзер по авиационной безопасности» с 8 по 12 июля 2024 года Европейской конференцией гражданской авиации (ECAC) были организованы курсы для теоретической и методической подготовки сотрудников агентства «Туркменховаёллары», а также специалистов из соседних стран центральноазиатского региона – Кыргызстана и Казахстана. Обучение прошло на самом высоком организационном уровне.

Семинар состоялся на базе школы подготовки кадров воздушного транспорта агентства «Туркменховайоллары», и был направлен на подготовку специалистов в области авиационной безопасности, развитие сотрудничества в этой сфере, расширение методики обучения в соответствии с международными стандартами. По результатам курсов были проведены учебные тесты и выданы сертификаты международного уровня Национального инспектора (супервайзера) в области авиационной безопасности всем, успешно закончившим семинар.

Сотрудничество с Европейской конференцией гражданской авиации в сфере подготовки специалистов по авиационной безопасности гражданской авиации Туркменистана будет продолжено.

С 30 сентября по 18 октября 2024 года в рамках программы обучения специалистов по безопасности полетов, организованной совместно с Международной организацией гражданской авиации (ICAO) на базе школы подготовки кадров воздушного транспорта агентства «Туркменховаёллары» прошли обучающие курсы для специалистов Туркменистана, Кыргызстана и Казахстана.

По завершению курсов специалисты «Туркменховайоллары», а также слушатели из Казахстана и Кыргызстана получили соответствующие сертификаты от представителя ICAO.

В Объединенных Арабских Эмиратах специалисты «Туркменховайоллары» вместе с сотрудниками Flydubai (ОАЭ) с успехом реализовали проект, направленный на обучение бортпроводников. В рамках инициативы, основанной на современных методах обучения, члены экипажа приобрели бесценные знания и навыки, способствующие повышению уровня безопасности и комфорта во время рейсов.

Бортпроводники овладели современными методами оказания первой помощи (AFA) и научились эффективно работать в команде, решая сложные ситуации (CRM). Этот синергетический проект стал ярким примером успешного сотрудничества в сфере авиаперевозок, подчеркивающим стремление обеих компаний к более высоким стандартам качества и безопасности полетов. Туркменские авиалинии и Flydubai вместе прокладывают путь к еще более безопасным и комфортным воздушным путешествиям, мотивируя как экипажи лайнеров, так и пассажиров. ●

MASLAHATLY ÇÖZGÜT
LET'S MAKE BUSINESS BETTER!

harman consulting

Мы понимаем
ваши проблемы

**Мы знаем
их решение**



ВНЕДРЕНИЕ И ОРГАНИЗАЦИЯ
## HR БИЗНЕС-ПРОЦЕССОВ

ВНЕДРЕНИЕ И ОРГАНИЗАЦИЯ
## СИСТЕМЫ ОХРАНЫ ТРУДА

ВНЕДРЕНИЕ И ОРГАНИЗАЦИЯ
## МЕЖДУНАРОДНЫХ СТАНДАРТОВ И СТАНДАРТОВ ISO

**Our Address:**
Office 031,
Archabil avenue 54,
Ashgabat city, Turkmenistan

**Phone**
+993-62-620040
+993-62-885491
+993-62-252722

**Email**
contact@maslahat.group




**ОФИЦИАЛЬНЫЙ ДИЛЕР**
Тойота в Туркменистане
ХО «Гарагум Улаг»

+993 (12) 43-70-57
Огузхан 7/А (Айтакова)
toyota_gu




GARAGUM ULAG
OFFICIAL TOYOTA DEALER

# PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd: A Legacy of Partnership and Progress






Since its establishment in 1996, PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd (PC(T)SB) has played a pivotal role in developing Turkmenistan's energy sector, becoming the first operator to explore and produce offshore oil and gas in the country. Key infrastructure projects, such as gas processing facilities and offshore platforms, have significantly contributed to Turkmenistan's energy landscape.

In June 2024, PC(T)SB's CEO met with the National Leader of Turkmenistan, Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov, to reflect on past achievements and discuss future collaborations that will benefit the Turkmen nation. This meeting underscored the strong relationship between PC(T)SB and Turkmenistan, rooted in mutual respect and shared success.

August 2024 marked PETRONAS's 50th anniversary, celebrated in Ashgabat with PC(T)SB staff and government representatives. The event highlighted Turkmen traditions, including performances with Akhal-Teke horses, showcasing the strong cultural connection between the two nations.

As part of its commitment to development of local talents, in 2024, PC(T)SB also awarded 13 Turkmen students scholarships to Universiti Teknologi PETRONAS (UTP), reinforcing its commitment to nurturing local talent. In September 2024, PC(T)SB held a PC(T)SB Technology Day 2024 event, focusing on technological advancements that will drive progress in Turkmenistan's economy.

We extend our deepest appreciation to The Highly Esteemed leadership of Turkmenistan, His Excellency The President of Turkmenistan Arkadagly Serdar Berdimuhamedov and National Leader Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov, for their unwavering support. Their vision and guidance have been instrumental in fostering the enduring partnership between PETRONAS and Turkmenistan, ensuring shared success and future prosperity.

PC(T)SB remains a committed partner, consistently supporting Turkmenistan's growth, including active participation as a sponsor at the annual Oil and Gas Conference & Exhibition. This successful partnership continues to enrich both nations.



# «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasy: Hyzmatdaşlygyň we ösüşiň mirasy





1996-njy ýylda esaslandyrylandan bäri, «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» («PÇ(T)SB») kompaniýasy Türkmenistanyň energiýa pudagynyň ösmeginde möhüm orny eýeläp, Türkmenistanda deňizdäki nebit ýataklarynda gözleg-agtaryş we önüm alyş işlerini alyp barýan ilkinji operator kompaniýasy boldy. Gazy gaýtadan işleýän desgalar we deňiz platformalary ýaly esasy infrastruktura taslamalary Türkmenistanyň energiýa landşaftyna möhüm goşant goşdy.

2024-nji ýylyň iýun aýynda «PÇ(T)SB» kompaniýasynyň Baş ýerine ýetiriji direktory türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow bilen duşuşyp, gazanylan üstünlikleri we türkmen halky üçin peýdaly boljak geljekki hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşdy. Bu duşuşyk birek-birege hormat goýmaga we üstünlik gazanmaga esaslanan «PÇ(T)SB» kompaniýasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky berk gatnaşyklaryň subutnamasy boldy.

2024-nji ýylyň awgust aýynda «PETRONAS» kompaniýasy Aşgabat şäherinde «PÇ(T)SB» kompaniýasynyň işgärleriniň we hökümetiň wekilleriniň gatnaşmagynda şanly 50 ýyllygyny belledi. Çärede türkmen däpleri, şol sanda ahalteke atlary bilen çykyşlar görkezildi, bu bolsa iki halkyň arasyndaky berk medeni baglanyşygy beýan etdi.

Ýerli hünärmenleri kemala getirmek baradaky borçnamasynyň çäginde «PÇ(T)SB» kompaniýasy 2024-nji ýylda «PETRONAS Tehnologik uniwersitetinde» (UTP) okamak üçin türkmen talyplaryna 13 sany talyp hakyny berdi we ýerli hünärmenleri kemala getirmäge ygrarlydygyny tassyklady. 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda «PÇ(T)SB» kompaniýasy Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşine goşant goşjak tehnologiki üstünliklere bagyşlanan «Tehnologiýalar güni – 2024» çäresini geçirdi.

«PÇ(T)SB» kompaniýasy her ýyl geçirilýän «Türkmenistanyň nebiti we gazy» atly Halkara maslahatyna we sergisinde hemaýatkär hökmünde işjeň gatnaşýar.





# «ПЕТРОНАС Чаригали (Туркменистан) Сдн Бхд»: Наследие партнерства и прогресса

С момента своего основания в 1996 году, компания «ПЕТРОНАС Чаригали (Туркменистан) Сдн Бхд» («ПЧ(Т)СБ») сыграла ключевую роль в развитии энергетического сектора Туркменистана, став первой компанией-оператором по разведке и добыче нефти и газа с морских месторождений в Туркменистане. Ключевые инфраструктурные проекты, такие как газоперерабатывающие объекты и морские платформы, внесли значительный вклад в энергетический ландшафт Туркменистана.

В июне 2024 года Главный исполнительный директор компании «ПЧ(Т)СБ» встретился с Национальным Лидером туркменского народа, Аркадагом Гурбангулы Бердымухамедовым, чтобы обсудить прошлые достижения и будущее сотрудничество, которое принесет пользу туркменскому народу. Эта встреча стала свидетельством прочных отношений между компанией «ПЧ(Т)СБ» и Туркменистаном, основанных на взаимном уважении и совместном успехе.

В августе 2024 года компания «ПЕТРОНАС» отметила 50-летний юбилей в г. Ашхабад с участием работников компании «ПЧ(Т)СБ» и представителей правительства. На мероприятии были представлены туркменские традиции, в том числе выступления с участием ахалтекинских скакунов, что продемонстрировало прочную культурную связь между двумя народами.

В рамках своей приверженности развитию местных специалистов, в 2024 году компания «ПЧ(Т)СБ» также предоставила 13 стипендий туркменским студентам для обучения в Технологическом университете «ПЕТРОНАС» (UTP), подтвердив свою приверженность развитию местных специалистов. В сентябре 2024 года компания «ПЧ(Т)СБ» провела «День технологий компании «ПЧ(Т)СБ» 2024», посвященный технологическим достижениям, которые будут способствовать прогрессу экономики Туркменистана.

Компания «ПЧ(Т)СБ» остается преданным партнером, постоянно поддерживая развитие Туркменистана, в том числе активно участвуя в качестве спонсора на ежегодной Международной конференции и выставке «Нефть и газ Туркменистана». Это успешное партнерство продолжает обогащать обе страны.


HUKUK
LAW FIRM THAT REALLY HELPS
HUKUK DÜNÝÄSI provides professional legal services on the territory of Turkmenistan. The company is committed to the legal language and legal ethics, possesses knowledge of local specifics, successfully renders consultations to the local and international oil and gas and energy companies, to service, construction and other organizations on the issues of corporate law, investments, arbitration, taxation, labour and migration legislation, as well as licensing.
WHEN OTHERS OFFER ADVICE, WE OFFER SOLUTIONS
When working with our firm, you can be sure that you will be dealing with a team of qualified lawyers who possess extensive knowledge, considerable and substantial working practice in various government institutions and international companies.
NO MATTER HOW COMPLICATED THE TASK IS – WE WILL NOT ONLY FIND SOLUTION TO IT, BUT WILL ALSO HELP OUR CLIENTS TO BE BACK ON THE HIGHWAY TO SUCCESS.
HUKUK DÜNÝÄSI is not only a legal support for business. Private persons trust us in acting on their behalf in courts, other government institutions and local self-governing authorities, in giving protection of persons against accusation, drawing up applications, claims, litigation and other legal documents.
HUKUK DÜNÝÄSI PRESENTS LEGAL SERVICES OF HIGH QUALITY, COMMITMENT TO LEGAL PROFESSION AND ASPIRATION TO BE THE BEST IN OUR BUSINESS.
«HUKUK DÜNÝÄSI» IS THE TERRITORY OF LAW
«HUKUK DÜNÝÄSI» HUKUK WE KANUNÇYLYK GOLDAW MERKEZIDIR
«HUKUK DÜNÝÄSI» – ТЕРРИТОРИЯ ПРАВА

# D Ü N Ý Ä S I

HAKYKATDAN HEM YGTYBARLY KÖMEK EDÝÄN HUKUK FIRMASY
ЮРИДИЧЕСКАЯ ФИРМА, КОТОРАЯ ДЕЙСТВИТЕЛЬНО ПОМОГАЕТ

«HUKUK DÜNÝÄSI» Türkmenistanyň tutuş çäginde ýokary derejede hukuk hyzmatlaryny ýerine ýetirýär. Bu edara kanunyň mazmunyna we hukuk etikasyna esaslanýar. Ol bu ugurda ýerli ýagdaýa degişli ähli bilimlere eýedir, ýurduň içindäki we halkara nebit-gaz, şeýle hem energiýa kompaniýalaryna gymmatly maslahatlary hödürleýär. Korporatiw-birleşmeleriň hukuklary, maýa goýum, arbitraž, salgytlar, zähmet we migrasiýa kanunçylygyny hem-de ygtyýarlandyryş boýunça hyzmatlary, gurluşyk we beýleki guramaçylyk işlerini üstünlikli amala aşyrýar.

**BAŞGALAR SIZE DIŇE MASLAHAT BERÝÄRKÄ, BIZ SIZE TAÝYN HEM-DE DOGRY ÇÖZGÜDI TEKLIP EDÝÄRIS.**

Biziň firmamyz bilen işleşseňiz, Siz ozal dürli döwlet edaralarynda we halkara kompaniýalarynda köp ýyllap işlän baý tejribeli, hünär derejesi ýokary hem-de hemmetaraplaýyn bilimli hukukçylaryň kömegine bil baglap bilersiňiz.

